# Türkmen gyzyna aşyk bolan Nowaýy

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkmen gyzyna aşyk bolan Nowaýy TÜRKMEN GYZYNA AŞYK BOLAN NOWAÝY



Taryhda türkmen gözelleriniň agraslygyna, owadanlygyna, wepadarlygyna maýyl bolup, olary özüne ýar edinmek üçin jan çeken meşhur şahsyýetlerimiz az bolmandyr. Şolaryň birem türki halklarynyň beýik akyldary, Gündogaryň beýik danasy hökmünde ykrar edilen Alyşir Nowaýydyr. Buziň geçiren ylmy derňewlerimize, halk içinden Alyşir Nowaýy hakynda toplan gürrüňlerimize, rowaýatlarymyza görä, beýik akyldar Gül atly türkmen gözeline aşyk bolup, ony alyp bilmändigi üçin, ömrüni

müjerret geçiripdir.
Bize gelip ýeten maglumata görä, Nowaýy Gül atly türkmen gyzyna aşyk bolupdyr. Gyzam oňa göwünjeň eken. Ýöne bu gyza Soltan Hüseýin Baýgara hem aşyk bolupdyr hem oňa öýlenipdir. Ähli söýgüsini Güle bagyş eden Alyşir Nowaýy şondan soň öýlenmek hakynda pikirem etmändir. Gül Soltan Hüseýine barandan soň, bahym aradan çykypdyr. Alyşir Nowaýy hem Soltan Hüseýin Baýgara hakyndaky il içindäki rowaýatlarda Gülüň Soltan Hüseýine barandan, tizara aradan çykmagy şeýle düşündirilýär. Gül Soltan Hüseýini däl-de, Nowaýyny- Myralyny söýen eken.
Gül Myralynyňam, Soltan Hüseýin Baýgaranyňam özüni gowy görýändigini açyk duýupdyr. Emma owalbaşda patyşa gazabyndan çekinmän, Gülüň Nowaýynyň sawçylygyny kabul etmek niýeti bar ekeni. Ýöne Nowaýy Gülüň bu pikirini aňyp, gyzyň päk duýgusynyň äşgär bolan halatynda Soltan Hüseýiniň gazaplanyp, gahara dolup, öç almagyndan ätiýaç edip, Myralynyň hut özi Soltan Hüseýiniň adyndan Güle sawçy gelipdir. Gül Myralyny mähir bilen kabul edipdir. Nowaýy dilinde Soltan Hüseýiniň söýgüsini Güle mälim etse-de, ol ýerde Gül bilen Myralynyň birek-birege bolan söýgüsi, mähri gaty düşnüklidi. Söýgüden doly iki ýürek päsgelçiliksiz biri-birini mähire çoýupdyr. Ýöne olar biri-birini yşk mährinden gandyrsalar-da, dil bilen ýürek duýgularyny beýan etmändirler, Gaýtam, Myralynyň dili Soltan Hüseýiniň söýgüsini Güle mälim edipdir.
Nowaýy Soltan Hüseýiniň adyndan Güle ikinji gezek sawçy gelende, Gül gaýrat tapyp, özüniň Nowaýynyň sawçylygyny arzuwlandygyny, emma ol arzuwynyň puç bolandygyny, şonuň üçinem onsuz-Myralysyz ýaşap bilmejegini beýan edip, indem Myraly näme diýse etjegini aýdanmyş. Myraly agyr bolsa-da, Güle Soltan Hüseýin Baýgara durmuşa çykmaglydygyny aýdypdyr. Şondan soň Gül Soltan Hüseýin Baýgara durmuşa çykmaga razy bolanmyş. Şeýlelikde Soltan Hüseýin Güli alýar. Patyşa hem Güli örän gowy—janyndan eziz görüpdir.
Gül Soltan Hüseýine durmuşa çykandan, otuz bäş-kyrk gün geçensoň, Nowaýyny ýanyna çagyryp, özüniň diňe Nowaýyny söýendigini, emma durmuşda Soltan Hüseýiniň aýalydygyny, has dogrusy iki dürli ýaşaýyş edesi gelmändigi üçin awy içendigini, özüniň dört-bäş gün ömrüniň galandygyny aýdanmyş
Aýdyşy ýaly, Gül bahym aradan çykýar. Gülüň Nowaýyny söýendigini Soltan Hüseýinem duýupdyr. Ýöne olaryň arasynda

hiç bir zadyň ýokdugyna Soltan Hüseýin göz ýetirensoň, oňa hiç zat diýmändir. Gaýtam, Güli janyndan eziz gören Soltan Hüseýin: “Hassa ýatan Gülüň öldi habaryny getireni tohum-tiji bilen gyraryn“ diýip kasam edenmiş.

Biz bu rowaýatyň aňyrsynda hakykatyň ýatandygyny inkär edemzok. Emma Gülüň Nowaýyny ýanyna çagyrandygyna şübhelenýäris. Sebäbi Yslan ynanjynda gyz durmuşa çykandan soňra, kimdir biri bilen hylwatda duşuşsa, onuň bu hereketi nähili maksat yzarlaýanam bolsa, bagyşlap bolmajak dönüklik hasaplanýar. Eger ýagşy niýet bilen bolsa-da, hylwatda duşuşyp, üsti açylaýsa, nähili betbagtçylygyň boljagyny, ýönekeý, asylly ýeriň maşgalasy bolan Gülem—Nowaýam kemsiz akyl ýetiren bolsalar gerek.

Biziň pikirimizçe, Gül Nowaýyny söýýändigini ýanyna çagyryp däl-de, hat üsti bilen aňladan bolmaly. Nowaýy “Hijran era“ diýen gazalynda söýgülisinden ogrynça hat alandygyny, onuň ýöne bir hat bolman, özüni ähli bela-beterden goraýan mukaddeslikdigini ýazypdyr:

Aýralykda ýazan hatym sakladym, men jan era,
Bilmedim, men, ol hatmydyr ýa elipmi ten era.
Ol hat däldi, ol dogady belalardan saklaýan,
Kowup kalbym belasyny kyldy köňlüm şan era.

Eý, Nowaýy, bol hoşal hat gelipdir söýgüliňden
Çünki ol şatlykly hat ýazylypdyr hijran era.

Taryhdan belli bolşy ýaly, Nowaýy bilen Soltan Hüseýin Baýgara diňe bir dost ýa mekdep ýoldaş bolman, bu beýik iki ynsan özlerini emşen-süýtdeş dogan hasaplapdyrlar. Bilşimiz ýaly, Soltan Hüseýin Baýgara Nowaýydan iki-üç ýaş (Ol wagtlar han-begler, emirler çagalaryny emdirer ýaly eneke tutupdyrlar. Nowaýy bilen Soltan Söýün bir eneden eneden emendigi üçin, dogan hasaplanypdyr. D.Ý.) uly ekeni. Şonuň üçin ilki Soltan Hüseýin Baýgaranyň öýlenmeli boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Şol sebäpli Nowaýy Soltan Hüseýin Baýgaradan gorkandygy üçin däl-de, ony agasy hasaplap, sylandygy, Soltan Hüseýiniň ýüzüne gelip bilmändigi üçin, söýen gözelinden jyda düşüpdir.

Şu ýerde bir zady aýratyn bellemek gerek. Soltan Hüseýin Güle

öýlenende, Horasanyň patyşasy däl-de, entek häkimlik ugrunda göreşip ýören jahyl ýigit bolmaly. Häkimlik ugrunda göreşip ýören ýigitden ylymly-bilimli, il içinde ondan has abraýly Nowaýynyň gorky etmegi mümkin zat däl. Asla Nowaýynyň kimdir birinden gorky edendigini gözöňüne getirmegem kyn.
Elbetde, halk içindäki rowaýatlarda Soltan Hüseýin Baýgaranyň patyşaka Güle öýlenendigi nygtalýar, emma şol döwrüň taryhy maglumatlaryny seljerenimizde, Soltan Hüseýiniň Güle öýlenen döwürleri Horasanyň patyşasy däldigine ymykly göz ýetirse bolýar. Şonuň üçin Myraly we Soltan Hüseýin hakyndaky rowaýatlaryň düýbünde hakykat ýatanam bolsa, ol rowaýatlardyr-gürrüňleriň hakykata näderejede bap gelýändigini seljermek derwaýys meseleleriň biridir.
Dosty hem dogany Soltan Hüseýiniň hatyrasyny saklap, söýen gözelini alyp bilmedik Nowaýy ömrüniň ahyryna çenli ony wasp edip gezipdir. Belki, onuň şahyr hökmünde belende galmagynyň iň uly sebäpleriniň biri-de, onuň wysala gowuşmadyk yşky bolandyr.
Uly hormata eýe bolan Nowaýa ýanýoldaş bolmagy arzuw eden gelin-gyzlaryň köpdügine seretmezden, bu beýik şahsyýet belent söýgüsiniň hatyrasyna hiç kime öýlenmändir. Bir rowaýatda aýdylyşyna görä, bir gezek köşk aýal-gyzlarynyň arasynda “Myraly nämeüçin öýlenmeýärkä?!“ diýen jedel döräpdir.
Biri gujury ýokdur diýse, başga biri ýene bir zat diýip, garaz Nowaýynyň üstünden düşüpdirler. Bu gürrüňi Nowaýynyň özüne-de ýetiripdirler. Nowaýy gelin-gyzlaryň jedeline jogap hökmünde şu gazaly ýazanmyş:

Lebleriň jellady, ol jana mätäç,
Gözleriň kirpigi imana mätäç.

Ýürek yşky şehit bolmaga maýyl,
Köňül bir jan alan janana mätäç.

Gaçar köňlüm guşy jan külbesinden
Baýguş hem bolsa bir weýrana mätäç.

Gedaýyň nana zar bolşy ýaly,

Ýüzi Aý şekildir men oňa mätäç.

Nowaýy neýlesin bir başga jany,
Bolup bilmez bir jan ýüz jana mätäç .

Şeýlelikde Nowaýynyň bir türkmen gözeline aşyk bolyp, söýgä wepadarlygy üçin öýlenmändigi hakykata laýyk gelýär. Hut Nowaýynyň döredijiligini ylmy esasda seljereniňde, onuň türkmen gözeline aşyk bolup, Gül zaryny çekendigine göz ýetirse bolýar.
Özbek alymlary hem bu beýik akyldaryň türkmen gözelini söýendigini boýun almaga mejbur bolýarlar. Özbek alymy, professor Ergaş Umarow "Alyşir Nowaýynyň eserlerinde türki uruglar" diýen makalasynda Nowaýynyň özbekleriň ýaşaýan Samarkant welaýatynda, Fuzop, Gamyşly töwereklerinde olar bilen goňşy ýaşan türkmenlerden bolan gözele aşyk bolandygyny öňe sürüp, delil hökmünde şahyryň şu gazalyny getiripdir:

Nawoiý turklarning tarki tutsa, aýb kylmangkim,
Anga bir türkmen mahwaş gami duloşibdir.

Professor Ergaş Umarow Nowaýynyň türkmen gözeline aşyk bolandygyny, şahyryň özi gazalynda açyk aýdansoň, boýun almaga mejbur bolýar, emma özbek alymynyň aýdyşy ýaly, Nowaýynyň özbek garyndaşlarymyz bilen Samarkant, mahlasy özbek territoriýasynda goňşy ýaşan türkmen gözeline aşyk bolandygyna ynanmak gaty kyn, çünki ol taryhy hakykata hem gabat gelmeýär.
Bilşimiz ýaly, Horasanyň şol wagtky patyşasy Abu Sagydyň gazap etmegi bilen, Nowaýynyň Samarkantda üç ýyl sürgülikde bolandygyny bilýäris. Emma şahyryň sürgünlikde döwri yşka ulaşandygyny çaklamak kyn. Nowaýynyň özüniň, onuň döwürdeşleriniň biragyzdan tassyklamagyna görä, Samarkantda, has dogrusy, Nowaýy özbek topragynda üç ýyl ýyl ýaşan zamanynda ylym-bilimini artdyrmak bilen gümra bolupdyr. Muhammet Babyr «Babyrnama" eserinde Nowaýynyň sürgünlikde döwri hakynda ýazanda, hatda onuň bu zamanda ylym-bilim almak üçin horluk çekendigini hem belleýär. Nowaýynyň tutuş döredijiligini seljereniňde hem, onuň Samarkantda ýaşan

döwründe yşka ulaşandygy hakynda hatda gytaklaýyn maglumat hem ýok.
Biz Nowaýynyň döredijiligine ylmy seljermelerimiz esasynda bu beýik akyldaryň aşyk bolan türkmen gözeliniň Merwli bolandygyny çekinmän aýdyp bileris. Çünki şahyr „Merw topragyny gözme sürtsem“ diýýär. Nowaýynyň Merw topragyna uly mähir, söýgi bilen garandygyna bolsa gojaman taryh gözli şaýat. Bu hakda ylmy işimizde aýratyn söhbet hem ederis.
Eger Nowaýy türkmen bolmadyk bolsa onuň türkmen gözeline bolan çäksiz söýgüsi nireden dömüp çykdyka?! Elbetbe, ol zamanlar türki halklar doganlyk-dostluk gatnaşykda bolupdyr, şonuň üçin hem Nowaýy türkmen bolmanam türkmen gözelini söýüp biler diýilmegi-de mümkin, Ýöne bu pelsepe beýle bir hakykata laýyk gelmeýär. Sebäbi diňe türkmen bolan ynsan näzik, agrasdan sypaýy türkmen gözelini söýüp, onuň hatyrasyny tutup, öýlenmän müjerret geçer.
Indi Nowaýynyň türkmen gözeline aşyk bolan döwrüniň haýsy ýyllara degişlidigini seljermäge synanyşalyň. Nowaýynyň döwründe eýýäm on dört–on bäş ýaşan ýetginjek uly adam hasaplanýar eken. Mysal üçin, Ý.E.Bertelsiň ýazmagyna görä, şol döwrüň däp–dessuryna laýyklykda, on dört ýaşan ýetginjek ylym–bilimini tamamamlap, ýetişen adam hökmünde işe durmaly eken, Soltan Hüseýin Baýgara hem on dört ýaşandan soňra, Teýmirleňiň emir nesli hökmünde Abulkasym Babyryň köşgünde emir derejesi bilen gulluga durupdyr, emma gadyrbilmez şanyň köşgünde gulluk etmek Hüseýin Baýgara üçin içgysgynç bolupdyr. Şonuň üçin Hüseýin Baýgarany Abulkasym Babyr bir iş bilen 1454–nji ýyllar töwereginde Samarkantda häkimlik edýän Abu Sagytyň ýanyna ugradanda, ol yzyna dolanman, Abu Sagytyň köşgünde gulluga galypdyr.
Gündogary öwreniji Ý.E.Bertelsiň, W.W.Bartoldyň maglumatyndan netije çykarsak, Soltan Hüseýin Baýgara on dört ýaşynda uly adam hökmünde gulluga durup, eýýäm on alty ýaşyna ýetmänkä, Teýmirleň nesliniň ikinji bir şasyna gulluga durupdyr. Dogry, Nowaýy Hüseýin Baýgaradan iki ýaş çemesi kiçi. Şol döwrüň däbine görä, Nowaýy on dört ýaşap ýigit çykanda, Hüseýin Baýgara belli bir derejede tejribe toplan on alty ýaşly ýigit

ekeni.
W.W.Bartoldyň tassyklamagyna görä, Hüseýin Baýgara Abu Sagytdan gaýdyp, ikinji gezek Abulkasym Babyra gulluga duranda, onuň hyzmatyna Alyşir Nowaýy bilen bile barypdyr. Alyşir Nowaýynyň Abulkasym Babyra gulluga baran döwri 1456–njy ýylyň oktýabryndan öň bolan bolmaly, çünki Abulkasym Babyr 1456–njy ýylyň 14–nji oktýabrynda ýanyna Hüseýin Baýgarany hem Alyşir Nowaýyny alyp, Maşada gaýdýar. Şol ýerde hem Abulkasym Babyr 1457–nji ýylyň martynda ýogalypdyr.
Abulkasym Babyr aradan çykandan soňra, Merwiň häkimi Soltan Sanjar (Bu Soltan Sanjar Seljuk soltany Soltan Sanjar bilen atdaş ekeni. Hersi aýry şahs D.Ý.) Abulkasym Babyryň şa diýip yglan edilen ýaşajyk ogluna tabyn bolmak islemän, ol özbaşdak syýasat ýöredipdir, Hüseýin Baýgara hem onuň gullugyna barypdyr. Soltan Sanjaram Teýmirleň neslinden bolup, Hüseýin Baýgaranyň doganoglany ekeni. Merwiň häkimi Soltan Sanjar Hüseýin Baýgarany örän gowy garşylap, oňa öz gyzy Soltan begimi beripdir. Ýöne Hüseýin Baýgaranyň häkim bolmak hyjuwy onuň Soltan Sanjar bilen arasyna tow düşüripdir. Hüseýin Baýgaranyň häkimlik ugrundaky göreşi birbada oňa üstünlik getirmändir, Şonuň üçin ol 1457–nji ýylyň gyşyndan tä 1469–njy ýylda tagta çykynça, köplenç at üstünde häkimlik ugrunda göreşip gezmeli bolupdyr.
Gündogarşynas alymlar Soltan Hüseýin Baýgaranyň aýallarynyň, hatda onuň gyrnaklarynyň kimler bolandygyny atma–at getirýärler. Babyr “Babyrnama“ eserinde hronologik tertip boýunça Hüseýin Baýgaranyň aýallarynyň we gyrnaklarynyň (Gyrnak her bir adamyň hususy emlägi hasaplanypdyr. Gyrnak hojaýyny Gurhanda erkege rugsat berlen dört aýalynyň daşyndan gyrnagyna nika gyýmazdan, ony özüne aýal edinip bilipdir. Şerigat boýunça her bir erkek adam isledigiçe gyrnaga öýlenip bilipdir) hem olaryň çagalarynyň adyny getiripdir. Emma şol atlaryň içinde Gülüň adyna duşmaýarys.
Gündogarşynaslaryň we Babyryň “Babyrnama“ eserinde Soltan Hüseýin Baýgaranyň ilkinji aýaly Merwiň şol wagtky häkimi Soltan Sanjaryň gyzy Soltan begimdigi tassyklanýar. Babyr “Babyrnama“ eserinde Soltan Hüseýin Baýgaranyň aýallary Soltan

begim, adak soltanynyň gyzy Çüli begim, Abu Sagyt Mürzäniň gyzy Şahru Banu, bu soltanyň ikinji gyzy Paýanda Soltan, Apak begim, Papa Agaçe begim, we onuň syýasatynda täsiri bolan gyrnaklary Hatyja begim, Latifa soltan, Meňli begim, Bike Soltan Agaçe diýip ýazýar. Babyr Soltan Hüseýiniň ady agzalan gyrnaklaryndan daşgyn hem köşgünde ýagşy-ýaman gyrnaklarynyň bolandygyny belleýär.
Babyr Soltan Hüseýin Baýgaranyň ilkinji aýaly Soltan begimiň örän kejir adam bolandygyny, mundan bizar bolup, ahyry Soltan Hüseýiniň ondan aýrylyşandygyny ýazýar. Babyr olaryň aýrylyşmagynda Soltan Hüseýin Baýgaranyň hiç hili günäsiniň ýokdugyny ýörite nygtap, soňra erbet aýallara bagyşlap, şu bendi getirýär:

Ýaman hatyn başyna düşse ýagşy bir äriň,
Onuň şu dünýäde dowzahda ýanyşyn görüň.

Nowaýynyň Güle bolan söýgüsi, Soltan Hüseýiniň ony özüne aýal edinişi diňe halk rowaýatlarynda ýatlanýar. Şonuň üçin Soltan Hüseýin Baýgaranyň 1468-1506 ýyllar aralykda patyşalyk eden döwründe Güle öýlenmändigi belli. Rowaýatlaryň we legendalaryň ýöne ýerden döremeýändigi belli hakykat. Nowaýynyň Güle bolan päk söýgüsi, Soltan Hüseýin Baýgara patyşa döwründe Güle öýlenen bolsa, hökman Soltan Hüseýiniň söýgüli aýaly hökmünde onuň ady Babyryň “Babyrnama“ eserinde ýatlanardy bu türkmen gözeline Soltan Hüseýin Baýgaranyň öýlenmegi nähili ýagdaýda bolup geçdikä?!
Görşümiz ýaly, Soltan Hüseýin Baýgara Merwli Soltan begime öýlense-de, onuň bilen mäşi bişişmändir. Biziň garaýşymyzça, Nowaýynyň Güle bolan söýgüsi 1458-59–njy ýyllara gabat gelýän bolmaly. Dogry, bu döwürlerde Hüseýin Baýgara Soltan Sanjaryň gyzyna öýlenen ýigit ekeni. Emma Hüseýin Baýgara Soltan Sanjary agdaryp ýerine geçmek islänsoň, onuň gyzy Soltan begim bilen Hüseýin Baýgaranyň arasynyň oňat bolmajakdygy öz–özünden düşnükli bolsa gerek. Şol döwrüň däp–dessuryna görä, Hüseýin Baýgara öýlenen ýigit bolsa–da, onuň çykmadyk gyza söz aýdyp bilýändigi belli. Şeýlelikde Hüseýin Baýgara hut Maryda ýaşap,

häkimlik ugrunda göreşe başlan döwründe türkmen gözeli Güle aşyk bolan bolmaly. Çünki ol döwürlerde Hüseýin Baýgara birinji aýaly Soltan begimiň kakasy Merwiň häkimi Soltan Sanjar bilen häkimlik üçin jetleşýär. Bu jetleşik netijesinde Hüseýin Baýgara biriji aýalyndan doly sowaşýar. Nowaýynyň Güle bolan söýgüsi, ýöne ony Soltan Hüseýiniň aýal edip almagyny gündogarşynas alymlarymyzyň, ilkinji nobatda hem professor Ý.E.Bertelsiň nazaryndan sypmandyr. Ý.E.Bertels türkmen–özbek halk döredijiligine salgylanyp, şeýle maglumat berýär:
Nowaýy uly wezir ekeni. Bir gün ol tamlarynyň üçegine çykanda, owadan Gül atly gözele gözi düşýär, Nowaýy Güle şol bada aşyk bolýar, tizara Güldenem Nowaýy özüni söýýändigi hakynda ýakymly jogap alýar. Emma bir gün awa çykan Soltan Hüseýin Güli görüp oňa aşyk bolýar hem Nowaýa Gülüň kakasyna sawçy gitmegi buýurýar. Nowaýy sawçy baryp, Gülüň kakasynyň razyçylygyny alýar, Güle bolsa Soltan Hüseýiniň garşysyna gitmegiň manysyzdygyny düşündirýär. Gül ahy–pygan çekse-de, ahyry ýagdaýa düşünip, Soltan Hüseýine durmuşa çykmaga razy bolýar. Toýuň öň ýanynda Gül Nowaýyny çagyryp, oňa bir içgi berip, şony içmegi haýyş edýär. Özi hem awy içýär we Gül Nowaýa şeýle diýýär: “Bar, soltana aýt, men onuň aýaly bolmaga razy. Ýaňky içenim kyrk günden öldürýän awy, seň içeniň bolsa nesilsiz edýän derman. Sen isleseň –islemeseň indi maňa wepaly bolup galarsyň“ diýipdir. Toýdan otuz bäş gün geçensoň, Gül Nowaýyny hoşlaşmak üçin ýanyna çagyrypdyr. Soltan Hüseýin Gül bilen Nowaýynyň duşuşygyny tötänleýin bilipdir, ýöne ol hiç zat bilmedik bolupdyr. Emma Nowaýa Soltan Hüseýiniň bolan wakany bilýändigi hakyndaky gürrüň ýetýär, Soltan Hüseýiniň öç almagyndan howatyrlanan Nowaýy derwüş bolup, Mekkä gaçýar. Soltan Hüseýin Nowaýynyň gaçanyny eşidip, onuň yzyndan çapar iberip, oňa hiç zat etmejegini, Nowaýynyň howpsuzlygyny kepillendirýär. Nowaýy gaýdyp gelýär we söýgüde düýnki garşydaşlar aşyk bolan gözel ýaryň ahy–nalasyny bilelikde çekmekde nusga öwrüldiler.“
Ý.E.Bertels Nowaýynyň foklor bilen baglanyşygy hakynda söhbet edende, P.Agalyýewiň 1941–nji ýylda çapý eden “Myraly we Soltansöýn“ kitabyna salgylanmagy gündogarşynas alymlaryň

Nowaýynyň türkmen folkloryna goşan goşandyny ykrar etmegidir. Ý.E.Bertels Soltan Hüseýiniň türkmenlerde Soltansöýün diýlip aýdylýandygyny ýörite nygtapdyr. Ol “Türkmen ozanlaryň dilden–dile aýdýan köpsanly Nowaýy barasyndaky rowaýatlary, anekdotlary, hekaýatlary düýpgöter tapawutlanýar“ diýip ýazýar we Nowaýy hakynda aýdylýan käbir hekaýatlaryň onuň ömür-döredijiligi bilen asla dahylynyň ýokdugyny belläpdir. Meşhur gündogarşynas Ý.E.Bertels pikirini subut etmek üçin, P.Agalyýewiň “Myralynyň maýyplara kömegi“ atly hekaýatyny mysal getiripdir. Bu hekaýatda Myralynyň alýan 500 teňňe aýlygyny öýüne getirmän, aýalyna bermän, olaryň maşgalasynyň garyp durmuşda ýaşaýandygy beýan edilýär. Çünki Nowaýy aýlygyny maýyplaryň hajatyna sarp edipdir.
Ýöne bu hekaýatyň Ý.E.Bertelsiň tassyklaýşy ýaly Nowaýynyň aýally hekaýatlaryň onuň ykbaly bilen baglanyşygynyň düýbünden ýokdugyny aňlatmaýar. Nowaýy öýlenmedigem bolsa, şol döwrüň düzgünine görä, onuň öýünde gyrnak saklandygyna şübhelenmese bolar, Ol zamanlar barly, hatda orta derejedäki adamlar, käbir garyplaram gapysynda gul–gyrnak saklapdyr. Ol gul–gyrnaklar hojaýynyň harydy hasaplanypdyr. Nowaýynyň öýüne onuň gapysynda saklan gyrnagynyň serenjam berendigini çaklasa bolar. Çünki Nowaýy hakyndaky hekaýatlaryň birnäçesinde onuň aýalynyň bardygy tekrarlanýar. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly taryhy maglumatlar Nowaýynyň öýlenmändigine şaýatlyk edýär. Türkmen folklorynda Nowaýynyň aýalynyň bardygy barasyndaky hekaýatlaryň bolsa onuň hem gapysynda gyrnak saklamagy bilen bagly dörändigine şübhelenmeýäris. Jemläp aýdanymyzda, Ý.E.Bertelsiň: “Nowaýy hakyndaky türkmen hekaýatlary düýpgöter tapawutlanýar we ol hekaýatlaryň taryh bilen baglanyşygy ýok“ diýen pikiri hakykata laýyk däl. Gaýtam tersine, Nowaýy hakyndaky köp sanly türkmen hekaýatlarynda onuň maşgala–durmuşynyň iň kiçijik wakalary–da beýan edilipdir. Şeýlelikde, Nowaýynyň türkmen gözeli Güle aşyk bolup, şonuň hatyrasyna öýlenmändigine hiç hili şühbe ýokdur.
Nowaýynyň Güle aşyk bolup, oňa Hüseýin Baýgaranyň öýlenen döwri bolsa takmynan 1458-59 ýyllardyr. Şol döwürlerde Nowaýy 17-18, Hüseýin Baýgara bolsa 20 ýaşlaryndaky ýigit ekeni.

Biziň beýle çaklamamyza birnäçe subutly esas bar. Birinjiden, Gül Nowaýyny näçe gowy görse-de, ony ýanyna çagyrybam, hatda Nowaýa hoşlaşyk hatynam ýazyp bilmez. Emma Hüseýin Baýgara 1458-59–njy ýyllarda Hüseýin Baýgara at üstünde häkimlik üstünde darkaş gurýan hyjuwly ýigit ekeni. Ol Merwiň häkimi, birinji aýalynyň kakasy Soltan Sanjar bilenem Merwiň häkimligi üstünde garşydaş bolupdyr. Soňra bolsa Hüseýin Baýgara tutuş Horasany özüne tabyn eden Abu Sagyt şanyň garşydaşyna öwrülipdir. Ine, şu ýagdaýda Hüseýin Baýgara Gülüň ýanynda bir gün bolsa birnäçe gün ony taşlap, at üstünde geçiripdir.
Nowaýy Hüseýin Baýgaranyň dosty, iň esasam onuň emşen inisi hökmünde, hatda Hüseýin Baýgaranyň tabşyrygy boýunça hem özi öýünde ýokka Nowaýa Güle howandarlyk etmegi tabşyrmagy bolup biljek zat. Şeýlelikde, Nowaýynyň Gül bilen duşuşmagyna köp mümkinçilik bolandyr. Şol döwrüň düzgünine görä, dostynyň we doganynyň aýalyny näçe söýse-de, Nowaýy duýgularynyň gurbany bolmandyr. Asylly maşgaladan çykan Gülüňem Nowaýa syrly duýgusyny açyk beýan edendigine ynanmaýarys. Ýöne Gülüň Nowaýyny söýendigini, hatda beýan edendigine şübhelenmese bolar. Garaz, Güldür Nowaýynyň gatnaşygy hakynda Hüseýin Baýgara hem ahyry eşidipdir. Olaryň arasynda hiç bir syrly gatnaşygyň ýokdugyna göz ýetirensoň. Hüseýin Baýgara Nowaýa hiç bir zat etmändir. Haçan-da Hüseýin Baýgara şa tagtyna çykanda, Samarkantda ýaşaýan Nowaýa Hyrata dolanmaga çakylyk iberýär, ol gelenden soň bolsa Nowaýa köşkde iň jogapkärli möhürdarlyk kärini berýär. Belki, Soltan Hüseýin Baýgara diňe agasy hökmünde sylandygy üçin, Nowaýynyň öz söýgüsini pida edip, agasy Hüseýin Baýgara sawçy gidip, onuň Güli almagyna hemaýat edendigine düşünendir. Mahlasy, Nowaýynyň Gül atly türkmen gözeline bolan söýgüsiniň hatyrasyna öýlenmän, beýik söýgä wepalylyk görkezendigini ýene bir gezek aýratyn nygtamak isleýärin.
Nowaýynyň aşyk bolan gözeli Gülüň Merwli gyz bolandygyny mäneli ozan ýaşuly Meretmuhammet aga Myraly hakynda aýdyp beren hekaýatlarynda tekrarlady Bu ýaşulynyň aýtmagyna görä, Myralynyň Merw topragynda häzirki Tagtabazar etrabynda we Marynyň töwreginde uly mülki bar ekeni. Şol mülklerinden

gelýän girdejisinden Myraly Maryda “Yhlasiýe“ medresesini açypdyr. Hakykatdanam, Nowaýynyň Hyratda hem Maryda medrese açyp, şol medresäniň ähli harajatyny Nowaýynyň üpjün etmegi bilen, ol medreselerde ýüzlerçe talybyň okandygy taryhy faktdyr. Nowaýynyň Hyratda medrese we beýleki binalar saldyrmagy bu şäheriň paýtagt bolmagy bilen bagly. Onuň Maryda medresedir–metjit saldyrmagy Nowaýynyň türkmenleri, türkmen topragyny çäksiz söýendigini kepillendirýär. Şeýlelikde, Alyşir Nowaýynyň maşgala durmuşy baradaky geçiren ylmy derňewlerimizi jemläp, şeýle netijä gelýäris. Gündogaryň beýil akyldary Alyşir Nowaýy türkmen bolandygy üçin, merwli türkmen gözeline aşyk bolup, ony alyp bilmändigi sebäpli, öýlenmän ömrüni müjerret geçiripdir.

Döwletmyrat ÝAZGULYÝEW.

«OWADAN» žurnaly, 1998 ý. Edebi makalalar